# Bäşgyzyl -19: romanyñ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bäşgyzyl -19: romanyñ dowamy ON DOKUZYNJY BAŞ



1.
Gaz ýygnaýjy nokatdaky aragatnaşyk ulgamynyň sazlaýjy otagynda Kaka Rejebiň iş otagy bardy. Agardylan diwaryň tutuş ýüzi işiň gidişini gündelik hasaba alýan ýazgylardan, gaz ýygnaýjy nokadyň taslamasynyň göçürmesi, ýokary basyşly gaz geçirijiniň, gaz guýylaryndan gaýtmaly 24 gaz geçirijiniň Türkmen kanalyndan çekilmeli suw geçirijiniň çyzgylaryndan doludy, olarda geçirijileriň ýoldaky päsgelçilikleri, işlemeli guramalary gurup gutarmaly pursatlary ýaşyl baýdajyklar, tegelek, üçburç belgijikler bilen belgilenendi. Uly basyşly gaz geçirijiniň Mary-Lebap gara, Mary-Lebap demir ýollaryndan geçjek ýerleri aýratyn çyzga geçirilip, beýleki diwarda asylypdy. Taslamalara seredip duran Begmyrat 91 kilometrlik

gaz geçirijiniň bir metre golaý kagyzdaky çyzgysyna dykgat bilen seretdi. Bu günki çözmeli meselesi hut şunuň bilen baglydy.

Ol egnindäki gaýyş penjegini gapydan giren ýeriňdäki diwara kakylan çüýleriň birine ildirip bulgurdan bir owurt suw içdi. Käte aşgazany suwdan dolduryp uzynly güni oňýan, käte agzyna bir döwüm çöregi salman gezýän Begmyrat birnäçe aýlap öýüne zardy. Trestiň iş dolandyryjysynyň orunbasary diýseň jogapkärli, kyn, agyr işdi. Ol jany-teni bilen işe berlendi, ýöne soňky günlerde aşgazany kem tapyp öňküsindenem horlanypdy. Iýmän-iýmän, gabat gelende köpräk iýip, şol ýerde hem ýatyp galsaň — aşgazan çydam etmeli däldi… Ilki-ilkiler nahar iýmese aşgazany agyrýardy, indi bir zat indigi agyrydan ýaňa nätjegini bilenokdy. Ýara düşmänkä özüňi bejert diýip saglyk gözegçilik bölüminde oňa telim ýola duýdurypdylar. Olam bor diýip gezip ýördi.

Kaka Rejep bellenen wagtdan bir sagat gijä galyp geldi-de tördäki ýerine baryp oturdy. Ol agsap ýöreýärdi, aýagynda, barmaklarynyň arasynda dörän kömelek iki ýyl bäri aýrylman gelýärdi. Bejergi alanda birneme kiparlan ýaly bolýardy, az wagtdan soň ýene beterleýärdi. «Beýlede bir düşnüksiz ýara bor oguşýa, deriň üsti bilen däri-derman etseň-ä ondaky mikroblar has içe gaçýarlar, ganyň üsti bilen ýok etjek bolsaňam ýokary galýarlar, asyl menden aýrylasy gelenok» diýip ol bir gezek Begmyrada zeýrenipdi. «Wah oňada sen ýaly işjanly, galjaň, saglygyna perwaýsyz adamlar gerek» diýip, Begmyrat jogap beripdi. Aýak agyrysynyň üstesine-de, Kaka häzir ýoň degipdi.

— Oglanlar, men azajyk ýoňladym. Elleşip çykmady diýip gaty görmäň. — diýip, Kaka oturanlara gözüni aýlady.

Täzegül bir bulgur kofe, üstüne kiçijik çemçe atylan ýasy gaby Kaka Rejebiň öňüne goýdy-da, gelşi ýaly sessiz çykyp gitdi.

Begmyrat elýaglygy bilen burnuny süpürýän Kaka: — Bir gün, ýarym gün dynç alaýmaly ekeniňiz — diýip maslahat berdi.

— Özi irip aýrylar. Hany gürrüň ber. Bu gün näme iş bitirdiň?

— Demir ýoluň aşagyndan geçmeli gaz geçirijiniň geçelgesi ertir taýýar bolýar, Mary-Lebap gara ýoluny kesip geçmek barada Döwlet awtomobil gullugynyň jogapkär işgäri bilen

gepleşdim. Ol ýoluň wagtlaýyn sowalgasyny taýýar ediň, şondan soň 12 sagat möhletde geçelgäni gutarmaly diýdi.
– Hawa, onsoň…
– Sowgut ýollaryny taýýarlamak üçin ýer tekizleýji traktorlar gerek. Olam ýetmezçilik edýär.
– Men şeýle bolar diýip pikir edýärdim – diýip, Kaka başyny atdy.
Iş dolandyryjynyň kömekçisi Kerim içeri girdi-de, bir petde kagyzy onuň öňünde goýdy.
– Ýeri, onsoň çykalga näme? – diýip, Kaka kagyzlara çala seredip bir ýandan gol çekip başlady.
– Ertir ir bilen demir ýol geçelgesinde işleýän traktor boşajak. Şony trallere ýükläp getirmeli bor-da… Otuz ikinji kilometrlikde gaz geçirijiniň ugrunda goýulmaly gatlaň käbir enjamlary heniz gelip ýetişenok.
– Getirmedilermi?
– Ýok getirilenok. Galanynam Halygyň özi otyr, aýdar-da!
– Biz şol enjamy gündogar Şatlyk gaz käninde bar bolan desgalaryň birinden almaly etdik. Erte bolmasa birigün geller. – diýip, gaz çykaryş edarasynyň başlygy Halyk Haly jogap berdi.
– Siz ol getirjek köne enjamyňyzyň düzüw işlejegine güwä geçip bilermisiňiz? Geçiriji örän jogapkärli desga, ýokary basyşda işlemeli, goýulýan enjamlaryň ählisi täzeje bolmaly. – Kaka Rejep elindäki kagyzlaryň birini okap çykdy-da Kerime tarap süýşürdi.
– Muňa gol çekjek däl. Bular ýaly maýda meseleleri özi çözüp bilmeýän bolsa – Kaka hatyň aşagyndaky gola barmagyny dürtdi – bu işgärsumagyň suwuna degmeli. Kagyz ýazyp jogapkärçiligi boýnundan sowjak, ýeňil ýaşajak bolýar…
Kerim kagyzlaryny ýygnap çykandan soň Kaka soragyna jogap gözläp Halyga seretdi.
– Şol täze enjam bizde ýok. Boljagam belli däl. Köne bilen oňňut edäýmesek.
– Halyk, Bäşgyzyl gaz ýatagynda oturdylýan enjamlaryň käbirleri bolaýmasa täzesi ýok ahyryn. Bu nähili beýle bolýar? Biz siziň beren zadyňyzy ýygnaýarys, ýöne soň bir zat bolaýsa

jogapkärçiligi deň çekmeli bolýas. Şu meni birahat edýär.
– Biz köne enjamlary tehniki barlagdan, synagdan geçirip sizede berýäs, ondan arkaýyn boluň-da, işläberiň.
– Oňa ynamyňyz bar bolsa bolýar. Häzir, gaz ýygnaýjy nokatdaky desgalary, dürli işlere niýetlenen jaýlaryň gurluşygyny dünýä möçberine gabat getirip, ýokary hilli gurýarys. Maňa «Ymgyr çölüň içinde bu nokadyň daşyna beýle gözel germew nämä gerek, öňki agaç gapylarydyr äpişgelerine derek ýeňil alýuminden edilen aýnaly gapylary oturtmak nämä gerek, jaýlary mermer daşa bezemek, nämä gerek» diýýärler. Jogap berýän, muny Watan üçin daşary ýurtlaryň ölçegine gabat gelýän gözel ymaratlary gurup bilýändigimizi görkezmek üçin edýäris. Besdir, SSSR döwründe bir-birine meňzäp duran kömelek kysmy desgalary köp gurduk, indi her bir desgaň türkmen milliligine gabat gelýän öz ýüzi bolmalydyr. Şeýle dälmi Rahman?
– Başlyk, men siz bilen ylalaşýaryn. – diýip, Rahman ýerinden turdy, – Biziň işe ýüregi bilen barýan ýokary hünärli ýaşlarymyz öňki döwürden galan gözboýagçylyk keselinden azatdyr, işiň bähbidi üçin käte ýalňyşyp bileris, ýöne hiline serederis.
– Bolýar. Men sizden arkaýyn. Bir gorkýan ýerim gaz ýygnaýjy nokadyň tehnologiýa ulgamy. Kebşirleýji gurallar ýetenok.
Gapyň agzynda goltugy bukjaly kül reňk penjekli ak köýnekli uzyn adam peýda boldy-da «Mümkinmi?» diýdi.
– Geliň, geliň. Sizde näme sorag bar.
Gelen adam Kaka Rejebiň ýanyna baryp bukjasyndan birnäçe çyzgylary çykardy.
– Gaz ýygnaýjy nokadyň tehnologiýa ulgamlarynyň işini çaltlandyrmak baradaky käbir taslama-tekliplerim.
– Şeýle diýseňizläň. Bu barada gürrüň gozgap oturanymyzy nireden bildiňiz? Siz oturyň, Gurbannepes. Men häzir bulara seredeýin.
Kaka Rejep çyzgylary bir ýandan gözden geçirdi, soň olary süýşürip, maşynda bir zatlary hasaplady, hasabyny kagyza ýazyp, bellik depderçesine ser saldy, Ýene käbir zatlary hasaplady.
Gurbannepes ýaşy elliden geçen, uzyn boýly burunlagragada at

ýüz adamdy. Ol trestiň önümçilik bölüminde hünärmen bolup işleýärdi. Bu ýere ýörite çagyrylaýmasa ýa-da zerur iş çykyp geläýmese trestiň Şatlykdaky edarasynda işleýärdi. Ol oturanlara birlaý göz gezdirip çykdy, başyny atyp sessiz salamlaşdy.
Kaka Rejep çyzgylary öňküsi ýaly düýrläp bukja saldy-da, Gurbannepese süýşürdi.
– Siziň bu teklibiňiz boýunça biz elli million manat utuş gazanýarys, belki ondanam kändir…
– Mümkin… Diňe pul-da däl, wagtda hem utýarys. – diýip, Gurbannepes jogap berdi.
– Siz muny näme üçin getirdiňiz?
– Serediň, belki gerek ýeri bolar diýdim.
– Seretdim, käbir işleri taslamadan üýtgeşigräk geçiripsiňiz, ony institut bilen ylalaşmaly, oňa-da wagt gerek.
– Hawa, gerek bor, ýöne ahyrky netijede biz utuş gazanýas.
– Siz ýagdaýdan dogry baş alyp çykypsyňyz. – diýip, Kaka bukjaň üstüne elini goýdy. – Muny öňräjik getirmeli ekeniňiz. Ýeri bolýa, çyzgylary goýup gidiň, men hünärmenler bilen maslahat edeýin. Ertir sizi özüm taparyn.
Gurbannepes hoşlaşyp jaýdan çykdy.
– Ýaşulyň eden hasaplary täze bir uly açyş bolmasa-da, garaz, häzirki gyssagly döwre gerek zat, ulansa bolar diýip umyt edýän. Juma, senem geldiňmi? Näme sorag? – diýip, Kaka Rejep trestiň, baş hasapçysyna ýüzlendi.
– Kaka Rejebowiç, hasap işlerini merkezleşdirip kompýuterleriň üsti bilen alyp barmak barada teklip beripdim. Şony çözeýin diýip geldim.
– Gelen bolsaň ikimiz ertir sagat onlarda duşuşaly… Häzirlikçe ýygnagy gutarýas. Muhammet Begenç Annamämmet galyň, galanyňyz boş.
Adamlar çykan badyna Kaka Rejep burnuny çekip, kofeden bir owurt içdi.
– Muhammet, sürüjiňden habaryň barmy? Sement alyp barýarka tutulypdyr diýdiler-le. Bu nähili bolýar? Sement Annamämmet seňki, maşyn Muhammediňki.
– Başlyk, sement siziň talap hatyňyz boýunça ýüklenip

Bäşgyzyla ugradyldy, ony Muhammet Bek ýerle diýipmi, sürüjiň özi ýerläpmi, garaz, şeýle ýagdaý boldy. Bu ýerde meňä günäm ýok.
– Günä ýok diýme, Annamämmet. Siz her bir ýüküň gelmegine jogap berýärsiňiz, Muhammet senem. Munuň özi uly kemçilik. Häzir edilýän jenaýatlar 15-16 esse azalýar, köp adamlar türmeden boşadylýar, bu diňe ýurtda halallyk, agzybirlik, berk gözegçilik bolanda bolýar… Dogry, adamzat döräli bäri haramlygyň soňuna çykyp bilmändirler, biz welin, şonuň garşysyna berk göreşmeli, sürüji semendiň bahasyny töledimi?
– Bahasyny kakasy töledi… Size şu meselede kömek etsin, jenaýat işini gozgatmasyn diýip haýyş etdi. Men Myrady maşyndan düşürip bejergi ussahana işe goýdum. – diýip Muhammet jogap berdi.
– Hawa, ol ýaşulyny tanaýan. Abraýly wezipelerde işlän adam, ogly başbozar ekeni… Ýeri bolýar, oňa kömek edeli. Tölän bolsalar işi gozgap durmaly. Ýöne, sizeem indikiňize häzir boluň. Ýürek bilen ýapyşyp işlemeli, janyň-teniň bilen ylgamaly, ýüzüňiz güne ýanyp garalsyn, adamlaryň arasynda köpräk bolup, barlap duruň. Edip bolaýjak zady edip bilmesek bizi sylamazlar… Muhammet Bek barada welin geçirimlilik etmek bolmaz. Ony işinden çykarmak barada netijä geldim. Şeýle işe baş goşýamy, goý bilsin… Muhammet, seniň başga soragyň ýok bolsa gidiber, esasy ýoldan suw sorujy desga, Türkmen derýasyna çenli gurulýan ýoluň çagyl çekilşini güýçlendirmeli. Muny hut özüň gözegçilikde sakla.
Muhammet Begenç çykyp göçme obajykda işgärleri bilen geçiriljek ýygnaga gatnaşmaga ugrady.
Ulaglar kärhanasy trestiň iň iri kärhanalarynyň biridi. Onda dört ýüzden gowrak adam işleýärdi, umuman ulagsyz trestiň işini göz öňüne getirmek mümkin däldi. Ýyllyk tabşyrygyň ýerine ýetirilmegi bu kärhananyň sazlaşykly işlemegine gönüden-göni baglydy. Edaradan üç ýüz kilometr daşlykda gurulýan Bäşgyzyl gaz käniniň gurluşygynda onuň orny hasam ýokarydy.
Muhammet mundan 25 ýyl ozal instituty gutaryp Şatlygyň Kerpiçli diýlen ýerinde ýerleşýän bölümine ulag ussasy bolup

işe gelipdi, jokrama yssyda Zil-57 maşyna münüp, Garagumyň içi bilen 150 kilometr aralygy geçipdi. Şonda gören horlugy ony howpurgandyrmanam durmandy, has dogrusy gorkuzypdy, ýöne ol çagalykdan çopan kakasynyň ýanynda köp gezensoň bu horluklara döz geldi, soň ony Böwürdeşik gazkänine, birnäçe ýyldan soňam Şatlykdaky edaraň önümçilik bölümine işe geçirdiler. Ýönekeý ulag ussasy bolup işe başlan Muhammedi on ýyl ozal ulaglar kärhanasynyň başlyklygyna bellediler. Şondan bärem uly kärhananyň garamatyny boýnuna alyp gelýärdi.
Muhammede inileri Begmyrada, Begsähede, Çara, kakasy Begenç agaň sapaklary badalga bolup hyzmat edýärdi. Begenç aga çagalary okuwdan boş wagtlary çöle alyp giderdi, ertesi «goý kynçylygy, horlugy görsünler, öz kelleleri bilen işlemäge öwrenişsinler» diýip, Işim çykdy bahana bilen olary çölde taşlap gaýdardy. Çagalar tomsuň jöwzasynda gyşyň aňzagynda nan bişirip, nahar edip, goýun bakyp, suw getirip öz günlerini görmelidiler. Şeýle edilende çaga diýseň taplanar ekeni. Muhammet ony hut öz tejribesinden bilýärdi.
Begenç aga sagdyn, uzyndan, inçesagat, saryýagyz adamdy, diýseň köp bilýärdi, goýun bakmaga ökdedi, diňe bir özi däl, çagalaryny biri-biri bilen göreşdirip ýeňene baýrajyk bererdi. Özem muny yzygiderli dowam etdirerdi. Mal bakyşy dagam düşnüksizdi, guýydan suw içirip kowup goýbererdi, birnäçe wagtdan soň özi başga bir tarapda, amatly ýerde ot ýakyp, çaý içerde, ýatardy. Ertesi daň bilen tursa goýunlar onuň daşyny gabalap ýatandyrlar. Bir günem erkegi ýitirim boldy, yzyny yzarlap paý-pyýada üç ýüz kilometr ýol geçdi, tapyp yzyna getirdi. Müň goýnuň içine tötänlikde başga goýun goşulsa yzyny tapaýardy ýa-da biriniň goýny ýitse, ondanam kömek hantama bolsalar «Şol gün ýel nireden öwüsýädi» diýen soraga jogap alyp, goýnuň giden yzyny däl-de öňünden barjak ugruny gabatlap tapardy. Muhammet beýle mysallary näçe diýseler getirip biljekdi. Ol on alty ýaşyna gidende kakasy «iki goýnum sürüde görünenok, sen şu ýerde galda şolary erte alyp bar» diýip ony galdyrypdy. Muhammet çägä ýassanyp gyşardy. Ertesi turup görse onuň beýle ýanynda iki goýun otlap ýörler. Görýär welin Muhammet şol günler gorkyny-ürküni bilmändirler, gijelerine

ýeke özi galanlygy üçin indi gorkýardy. Çopançylyga çörňeşip, durkuň-düýrmegiň bilen mallara berilmek, ýeňil-ýelpaý mesele däldi, şonda-da, Hydyr gören çölde, Hydyr gören malyň yzyna düşüp, kakasynyň aýdyşy ýaly Hydyr görmegi kalbyna beslän Muhammet, Begmyrat, Begsähet ýaly egri taýaga erk edýän maňyzly-meňzeşikli çyn çopany ýetişdiripdi. Ol «Ertir turup tezegiň ysyny almadyk, çöregiň ysyny almaz, öýlänliksiz-guşluksyz köýnegi-ýagyrny işliksiz, aýran diläp oňa-muňa okara tutuşyna gäbiniň azanynam bilmez» diýen, gymmat satyp arzan aljak bolman, ähli zady diňe halallyk bilen ediň diýen ýörelgä eýeren, ýaşlykdan çagalarynda maldarçylyga bolan söýgini oýaran Begenç agady. Şondan bolmagam mümkin, Muhammet ulaglar kärhanasynda kömekçi hojalyk döredip dowarlaryň sanyny onlarça müňe ýetirdi, işçileriň naharhanalaryny arzan nyrhly azyk önümler bilen üpjün etdi.
Hawa, onuň kakasyndan alyp galan sapaklary sanardan kändi. Kakasy çagalaryna ýekeje şarpyk çalman ählisini okuwly, bilimli etdi. Bakýan dowarlaryndan ýüň, guzy almakda, tüken saklamakdaky ýokary netijeleri üçin 1983-nji ýylda oňa Wolga awtomaşyny, 1985-nji ýylda Žiguli awtomaşyny sylag beripdiler. Kakasynyň batyr, gaýduwsyzlygy barada näçe gürrüň etseň edip oturmalydy. Bir gezek ol goňşy çopanlar bilen goýna daraýan möjegiň sürenine duşýarlar. Begenç aga ýoldaşlarynyň diýenini etmän sürene girip şol möjegi tutmakçy bolýar. Onda oňa «Eliň bir boş gitme» diýip pyçak berýärler. Sürenem belli zat diňe bagryňy ýere berip gitmeli, möjegiň näçe daşlykda ýatanlygam belli däl. Şondan bir sagat, iki sagat geçýär, Begenç agadag habar-hatyr ýok. Çopanlar «Möjek ony öldürendir» diýip süreni gazmak üçin howsala düşüp başlaýarlar. Üç sagada ýakyn wagtdan soň Begenç aga gara der bolup bir möjek çagasyny sürenden alyp çykýar. Şonda-da gorkdum ýa ýadadym diýmän «Süren gaty uzakda ekeni, yza götinläp gaýtmak kyn bolda» diýip ýylgyrýar. Beýle gaýduwsyzlygy diňe Begenç aga edip biljekdi…
Kakasy bilen bolan ýene bir wakany Muhammet ýatlaman durup bilmedi. Ýaňy bäş-alty ýaşa giden Begenç bir gezek kakasyny gözläp oba medeniýet öýüne barypdyr. Öň saraý, indi bejerilip adamlaryň ýygnanýan ýerine, seneleri belleýän ýerine öwrülen

medeniýet öýüniň daşy – obaň ýakynyndaky gadymy ýadygärligiň harabalygyndan getirilen bişen kerpiçler bilen bezelipdi. Oba adamlary bu işi oňlamasalaram olardan ony soraýan ýokdy. Ýokardan gelen görkezme ýerli adamlaryň islegine garap duranokdy. Medeniýet öýüne giren ýeriňdäki dalanyň diwarlary suratlardan, şygarlardan doludy. Olaryň birinde atyň üstünde oturan gyzyl esgeriň nirädir garap durşy şekillendirilipdi. Begenji geň galdyran zat esgeriň münüp oturan atydy, suratyň aşagynda «Atly gyzyl esger Watany goraýar» diýlip ýazylanam bolsa, ata däl-de eşege meňzeýärdi, başga bir «Awçylar» atly suratda kölüň gyrasynda ördek-baryny atyp, indem gazanda bişirip iýip-içip oturan serhoş adamlaryň şekili bardy, «Çopan goşunda» diýen suratda bolsa depäň üstünde eli taýakly duran çopanyň goýun sürüsine syn edişi şekillendirilipdir.
Türkmende iş etseň il tanar diýen aýtgy bar. Ulag kärhanasynyň adamlary, ony Türkmenistanyň mejlisiniň deputatlygyna hödürlediler, saýlawda ony goldadylar, şeýdibem deputatlyga saýlandy. Indi ol diňe bir ulag kärhanasynyň däl, bütin trestiň ähli meseleleriniň çözgüdine jogap berýärdi, kiçigöwünlilik, sadalyk ýan ýoldaşydy, uly wezipede işleýän diýmän guzy bakyp sürek sürmeli bolsa, tokly siltäp mal kekermeli, goýun güýlüp gurduny görmeli, geçi sagyp epirik etmeli, çakmak çakyp et gowurmaly, hamyr ýugrup nan bişirmeli, yz yzarlap tapgyr bolmaly bolsa ýaýdanyp duranok. Ymgyr çölde özüni öýünde ýaly duýýar. Hut şol sebäplem – kakasy pahyryň – indi ol pahyr bolupdy. – sapaklaryndan müň kerem razy, şol kyngçylyklary ýeňip geçmedik bolanda şu derejä hem ýetmeli däldi.
Muhammet şu pikirleri serinde aýlap sürüjileriň göçme obasyna geldi.
Bu gün çözülmeli meseleler köpdi.

2

Şol waka zerarly Gözel kalbyny gaplap alan ajy gözýaşlar, agyr hasratlar, wagtyň geçmegi bilen birneme gowşady. Ýüregi giňäp özüne geldi, özüne geldigiçe-de, umyt uçgunlary köräp, çyn

söýgüsi dolandy. Uçgundan ot alan ýangyn ýaly, garyşyk pikirleriň sowamagyndan körän söýgüsi has-da güýçlenip, öň aýdan, aýtjak sözlerini täzeden seljerip görmäge mejbur etdi. Dogrudanam ol, Myrat bilen ikiçäk galanda gaharyna bäs gelip bilmän agzyna gelenini diýipdi. Indi bolsa «Myrat bilen arkaýyn düşünişmän gyzmalyk edipdirin» diýip ahmyr etdi. Jorasy Göwhere ýüregini açaýyn diýsem Şatlykdaky ulaglar kärhanasynda işleýär, ýanyna barmaga elim degenok, özem gelip bilenok, käte birek-birege salam ýollaýar, işiň köplügi, gyzyklylygy, gümür-ýamyra ýol goýmasa nätjek. Käbir adamlar «Soýuz döwründe birek-birege gatnaşyk has ýakyndy, her gün işden soň ýygnanyşyp oturardyk» diýýäler, işe ýüregiň bilen ýapyşsaň şeýle zatlara eliň deger öýdeňok, ýöne günüm geçse bolýa-la diýip öňkiler ýaly işleseň oňa wagt tapylmagy mümkin. Häzir Watan ata-baba öz erkinligini aldy, belki-de, şol erkinlik muňa sebäp bolýandyr. Her zatda bolsa ýüregiňi açyp dyňzan hasratyňy birine gürrüň beresiň gelip dur. Emma gurluşykda ol mümkin däldi. Bu ýerde wagtyň ujypsyz pursatlaryda ölçegli. Oba bolan bolsa, gelin-gyzlar üýşüp haly dokarlar, keşde çekerler, birek-birege kömek ederler, şol bir wagtda birek-birege ýüregini açyp, mylaýymlygyny, görk-görmegini taryp edip, üýtgeşik ruhy dünýälerini döredерler. Gowy zada baha berenlerinde keşde, gaýma ýaly diýýändirler. Gyz-gelinleriň ruhy dünýäsi şoňa meňzeş…
Gözel bu ýerde haly dokap bilenok, naharhanaň diwaryna çeken suraty bolaýmasa, surat çekenok, käte joşan çagy goşgy ýazmaga welin pursat döreýär…

Ýar ýaňagna meňzän, süýji şetdaly,
Güýzümi garşylar, gülgüne öwser.
Saralan ýapraklaň başlary aşak,
Söýgi mukamy deý her ýana towsar.

Güneşden dokalan haly dek gölüň,
Geçmişden, geljege ser salyp dursun.
Güýjän duýgularmy ýara ýetirip,
Bagtymy soraglap zaryma barsam…

Hawa, Myrat onuň kalbynda… Bir gün ol Gözeliň düýşüne girdi. Olar toý edýärlermikä diýýär. Nika gyýyljak bolup durka bir polisiýa işgäri onuň elini zynjyrlap alyp gidýär. Gözel aglap onuň yzyndan ylgaýar. Ýetip bilmänem ýykylýar. Käte şeýle agyr-agyr düýşleri görýär. Bularyň bary gündizki pikirlerine goşulyp gaýgysyny artdyrýar. Naharhanada Aýsoltan Gözeli saklap «A gyz, saňa näme bolýa? Güler ýüzüň solgun, gözleriň gaýgyly, hiç ýere çykaňok?» diýdi. «Azajyk aşgazanym agyrýar» diýip Gözel jogap berdi. «A gyz, al çopantelpekden çaý gaýnatdym, iç!» diýip, Aýsoltan gara gadyr. Gözel saglygy üçin däl-de Aýsoltanyň ýüzüni ýykmajak bolup içdi. Wah, köňül hasratyny meýdan oty bilen gowzadyp bolýamy diýsene? Onuň bir dermany bardy, olam Myratdy. Ertesi Aýsoltan oňa «A gyz, bolmasa Arçmana gidäý! Aşgazany bejerýär diýýärler, hem dynç alarsyň, suwa düşersiň, şatlanarsyň, ruhuň galkynar, keseliňi bejerdersiň» diýdi.

Gözel üçin Arçmanyň suwy, dagy, gözel ýerleri gerek däldi, keseli başgady, Myratdy. Myrat bilen nirä gitse tapawudy ýok, baran ýeri ala-ýaz ýalydy.

«Eý, meniň ykbalym, bagtly günlerimiň duşmany, bagtsyz günlerimiň soňky umydy, birden meni ýaman güne düşürip gurruk guýa taşlaýaň, birdenem bagtly çüwdürip täze-täze aladalara sezewar edýäň. Ykbal seň görmäge gözüň, eşitmäge gulagyň ýok, ýöne düşen ýagdaýyma gowy düşünýäňde kömek üçin eliňi uzadaňok? Näme üçin? Men saňa ýamanlyk edýänmi näme? Men bir baýlygy ýere sygmaýan, gözi gyzaryp, äsgermezçilik edýänlerdenem-ä däl ahyryn, pukaraja janym bar, edeniňe şükür diýip Hudaýa sygynyp otyryn, sadaja naçaryň, men şonda-da guluňa öwrüp dürli synaglara sezewar edýärsiň. Ilki maňa Myrady söýdürdiň, söýgim ýetjek derejesine ýetende Myradyň diline ýalan sözleri, meň dilime bolsa howaýy sözleri salyp namany bozduň. Garşyma çykyp bilmersiň diýip gizlin ýollaryň bilen bildirmän üstin çykdyň. Sen meni urup, horlap, basgylap, mertebämi peseldip bilersiň, ýöne ruhy dünýämi welin näçe urunsaň-da alyp bilmersiň. Maňa ol ähli baýlykdan, jandan ileri. Başarýan bolsaň baýlygymy, malymy al—mende ikisiniňem ýokdugyny öňünden aýdaýyn, jaýymy al – söýgime, gyzyma degme.

Söýgi saňa degişlem däl, şonda-da edýän ýamanlyklaryňy şu mukaddes duýga ýanap özüňi aklajak bolýaň. Sen baýramçylyk günlerinden hem meni şatlanmaga goýaňok. Garaşsyzlygyň toýunda adamlar şatlanýarlar, aýdym-saz diňleýärler, pälwanlaryň göreşine syn edýärler, her hili sport ýaryşlaryna tomaşa edýärler, men bolsa gyzym Gülşat bilen bir ýerde durmaga takat tapman şol aýlanyp ýörün. Illeriň ýüzünden Myrady gözleýärin. Tanyş, bilişler, Göwher, Artyk, Çary, Rahman, Aýsoltan dagy duşanda «Sen näme üçin goşgyňy okaňok? Näme üňin aýdym aýdaňok»» diýip soraýarlar. Ol bolsa «Buzgaýmak iýip, bokurdagymy galdyrdym, goşgy okamaga keýp gerek.» diýip jogap berýär. Ozallar ol şeýle baýramçylyklaryň bezegi bolardy, goşgy okardy, köpçülik bolup aýdym aýdardy. Häzir welin hasratyny ýoňa syrykdyryp, agşama zordan öýe ýetdi, barşyna ýorgana girip aglap-aglap hasratyny gozgatdy… Ah, durmuş durmuş. Sen-de kimler gelip gitmedi, nämeler bolup geçmedi?. Aslyny Nuh pygamberden alyp gaýdýan neslimizde Ýaňet han, Türk han, Gök han, Asman han, Gara han, Oguz han, Seljuk beg, Togruldyr, Çagry beg, Alp Arslan, Mälik şa, Soltan Sanjar, Baýram han, Magtymguly, Mollanepes, Kemine, Keýmir kör ýaly ägirtler ýaşapdyrlar. Dünýäniň alymlary adamzadyň ýaşan döwrüni «Altyn asyr» , «Kümüş asyr» , «Bürünç asyr» , «Miss asyr» , «Demir asyr» diýip bäşe bölüpdirler. Altyn asyr mundan 15-17 müň ýyl ozal Ýanetiň ogly Türk handan başlap tä onuň soňky nesilleriniň biri bolan Il hana çenli bolan döwri öz içine alypdyr. Altyn asyrda adamlar hiç zada mätäçlik çekmändirler, azyklyk eti taýak bilen ýa-da gapan gurup alypdyrlar. Köpetdagyň etegindäki sümme tokaýlykda pissedir, hoz agaçlarynyň miweleri, garaz adyny tapan ir-iýmişleriň bolupdyr, ary baly agaçlaryň şahalarynda damyp durupdyr. Adamlaryň köpelip, azyk önümleriniň azalmagy olaryň dünýä ýaýramagyna getiripdir, kä ýerde wagşy haýwanlar eldekileşdirilip başlapdyr, olaryň derisinden egin-eşik taýýarlapdyrlar. Garramany, ölmäni edil bir düýş gören ýaly bir zat hasaplap bal ary maşgalasy ýaly agzybir ýaşapdyrlar.
Wah, Gözel näler şol durmuşy isleýär welin ýetip bolýamy näme? Obada doglan oba küýsär ekeni, gür baga bürenen mellegiň

ortasyndaky jaýyň seni ähli zatda özbaşdak edýär ekeni, mellekdäki erik agajynyň aşagynda oturyp bilbilgöýäniň saýraýşyny diňlemek oňa düýş ýalydy, bu «düýş» uçmahyň otagydy. Näme üçin diýeniňde obada ýazdan başlap güýzüň aýagyna çenli ir-iýmiş tapdyrýardy, bir ädim ýere gök ekseň ýeterlikdi, hiç zadyň ýok wagtam bir gysym erik ýa iki sany alma iýseň ýeterlikdi, aýlykdan beýleki aýlyga çenli bazardaky daýzalara bergi edip ýörmeli däldi. Ir-iýmişlerini guradyp gyşyna çaý edip içibermelidi, ol saglygyňy berkidýärdi, şäherde ýaşaýanlar bolsa haýsy usul bilen ýasalanlygy näbelli bolan suwlary içip saglygyna zeper ýetirýärdiler, üstesine-de gowy geýinmek, gowy iýmek, gowy ýaşamak ýaly meselelere ömrüni bagş edip wagtyndan ir garraýarlar, arak, tirýek, çilim ýaly zährimarlar agzy degse-hä, onda gutardygydy, şeýle adamlaryň herekedi obada ýaşaýan bir kemakylyň herekedindenem howplydy. Olar seň inçe duýgyňa kän bir düşünibem baranokdylar, söýgä-jyns gatnaşygy, dostluga-pul baglanyşygy, borja-şahsy bähbit diýip düşünýärdiler. Myradyň neşä agzy degmese-de, galan zatlarda söýgä bolan gatnaşygynda, pula bolan höwesinde ýokarky häsiýetler duýulýardy.
Wah, Gözeliň elinde bolanlygynda Myrat ýaly ýokarky ýörelgelerden ýöreýän adam bilen duşmaly däldi, ýöne, söýgi oňa seredenokdy. Ejesiniň diýeni bilen bolan bolsa Myrada duşmaly däldi, hasratlaryny çekmeli däldi.
Käte görýän baýramçylyklarynda köňli bilen şatlanardy, özi ýaly obaly, sada gyzlar bilen degişip-gülüşerdi, şonda gam-gussadan daşda bolardy: arassa howadan dem alyp, arassa iýmit iýen ýaly bolýardy.
Gözel munuň gadyr-gymmatyna düşünip bir gez ýokary galýardy.
Ýigrimi birinji asyr – türkmeniň Altyn asyry bolar diýilýärdi, onuň şeýle bolaryna ynanýar, hiç kim hiç kime garaşly bolmaz, gara pikirli adamlar azalar, azatlyk ýeli ikiýana öwser. Gözeliňki ýaly ykbalyň ýelginine duşup, suwuň gyrasynda teşneligini gandyryp bilmän ýörenler azalar, adam az gazandygyça özüni rahat duýar, öýünde arkaýyn ýatar. Baýlyk toplajak, şöhrat gazanjak bolup hars urýanlar salgyma kowalaşar, yzy puç bolar, halal adamlar gorkudan,

görübilmezçilikden daşda bolarlar, ýigrenç diýlen zady, biwepa söýgini, şäherlilere mahsus bolan «günäleri» bilmezler ýa-da gybat bilen ýönekeý adamyny öz torlaryna saljak bolup, käbir wezipeli, ähli zatdan gorkýan, gijesini ukusyz geçirýän, adamlaň biline asan pyçagyndan gorkuşlary ýaly gorkup durmazlar.
Hiç zadyň garşylygyna duçar bolman, öz erk islegleri boýunça erkana ýaşan adamlar gör, nähili bagtly? Uly günä kiçi zada ýapyşmajak ekeni. Altyn ýüzük, gymmat bahaly zatlar aýal-erkegiň arasyna düşmese her kim öz öýünde ýaşasa, beýik diwarly galalar gurulmasa, ölüm howply ýaraglar döredilmese, diwar ýykýan daş atyjy gurallar ýasalmasa, biri-biriniň göwnüne degen adamlar elleri ýaragsyz düşünişse gowy, az eşrete kaýyl bolýan Gözele şeýle durmuşyň gaýdyp geleni gowy, diňe söýgi hasratlaryndan öňňesi ondan sowlup geçse gowy… Emma onuň gözüniň öňünde nämeler bolup geçdi diýsene. Adamlar baýlyga, hökümdarlyga ymtyldylar, atasy ogluny, ogly atasyny sylamady, netijede parahat durmuş çaýkandy, nebis azatdan daşary gahar peýda boldy, geldi-geçerlik, süýji ýaşaýşa ymtylma, ruhypeslik artdy, adamzat üçin elýeterli edilen keramatly tebigat bilen şertnama bozuldy, baýlyga höwes, gysgançlyk, açgözlük, özüňi beýlekilerden ýokary saýmak ýaly häsiýetler artdy, iň erbedem biziň günlerimizde günäleriň günäsi hasap edilýän utanç, haýa serden gitdi.
Şeýle pikirleri serinde aýlaýan Gözel öz edýän hereketleri üçin Hudaýyň öňünde günälidigini bilmedi. Hudaý şol günäleri sebäpli, şeýle hasratlary gönderen bolmaly! Gör, nähili bolýar, ykbal oňa ajysyny pürkdi, olam ajyny gözüniň ýaşy bilen ýuwup aýyrjak bolýar!
Baýramçylyk geçen günleriniň ertesi agşam Aýsoltan onuň ýanyna geldi.
– Aý, gyz, sen nähili bolaýypsyň? Seni al kakdymy? Baýramçylyga köne eşikleriň bilen çykaýypsyň? Hany seniň buýsanjyň? Näme geýmäge eşigiň ýokmy?
– Waý, enaýyda gyz, diýýän zatlaryny! Men ol barada pikirem etmändirin! Geýmäge eşigim ýogam däl-le welin.
– Onda näme? Eşikleriňi aýap goýýaňmy?

Gözel tasdanam bu zatlaryň bary Myrat bilen gitdi diýipdi, ýöne oňa derek: – Aý şeýle boldu-da! – diýip, jogap berdi. Umumanam men ýönekeý geýinmäni halaýan.

– Sen maňa ýüregiňi açaňok! Sen gizleseňem Myrat dilini dişläp gezjek oglan däl! Ol «Gözeli aýalym hökmünde ulanýan» diýipdir. Bu söz erkekleriň dilinden Rahmana, ondanam maňa ýetdi. Asyl ilkinji çagaň hem şondan bolsa nätjek!

Gözel gözüne ýaş aýlap sesini çykarmady.

– A gyz, men ýanyňa ýöne bir oturmak, göwün açmak üçin gelmedim! Sen durmuşyňy maňa gürrüň bermeli! Men Göwherden käbir zatlary eşitdim, indem öz agzyňdan eşitmek isleýän! Eşitmän gider öýdüp pikir etme! Durmuşymyň düzelmeginde seniň hyzmatyň kiçi-girim däl! Men ýagşylyga ýagşylyk bilen jogap bermeli! Elimden gelýän, gelmeýän zatlary seniň üçin etmäge taýýar.

Gözel pikire batdy: «Eý, Hudaý, ýönekeý geýinmäni halaýan diýen bolup seň öňüňde ýalan sözledim, men seni aldamak üçin däl-de, öz hasratymy gizlemek üçin etdim, adam şeýle güne düşüpde: gowy eşiklerini bezenip köçä çykmaz, ony bendelerem halamaz, ol diňe ruhuň belent wagty geýilýändir, ýöne men aldamany halamok, şujagazlaram zordan dilime getirdim, ýürekde köwmekläp giden hasratlarymy welin açyp bilmen…»

Köňli şeýle diýse-de, dili başga zat diýdi.

– Jora, mydama şat bolup bolanok, gülem idegi ýetmese ýuwaş-ýuwaşdan solýar. Gudraty güýçli Alla, köňlüme hasrat inderdi, şatlygynam öz islegi boýunça peşgeş berer-dä!

– A gyz, sen başga zatlary diliňe getirýäň! Dogrujaňdan gel-de ýüregiňi aç! Bilýän, bilmesemem eşidýän, käbir aýallar saňa «ol Hudaýa ýakyn adam, dileg etse dilegi kabul bolýamyş» diýýärler. Sen-de bir gudratyň barlygyny aňjak bolýarlar. Ol şeýle bolmalam, sebäp Alla saňa zehin baryny beripdir, janly ýaly surat çekýäň, surat ýaly haly dokaýaň, çeper goşgular düzýäň, şirin sessiň bilen aýdym aýdýaň! Bular Allaň kömegi bilen bolýandyr. Men oňa ynanýan…

Gözel öz ýanyndan «Gör-ä, adamlaryň maňa keramatly diýjek bolup duruşlaryny? Nikasyz çaga dogran aýal men, günälileriň içinde iň günälisi! Maňa keramatly diýjek bolmaklarynyň

sebäbem, şol günäleri hiç kime aýtman ýüregimde saklaýan! Ony bir wagt Myradyň ata-enesine ýaýmalydym, Emma ýukaýüreklik edip bulary özi eder diýip gezdim…»

– A gyz näme sesiňi çykaraňok? Allaň kömek etjegine ynanýan diýdiň-ä! Beýdip aglap ýörmäňde-de, Alla seniň günäleriňi geçirer.

Gözel pikire batdy. «Allajan, dünýä ykballarynyň eýesi, älemiň diregi Gudraty güýçlim! Men bilmezlikden günä iş edip, ata-babalaryň, däp-dessurymyzyň öňünde, seniň öňüňde günäkär, ilki günlerde özümi bagtly saýypdym, soň aramyza aýralyk düşürip, maňa hasratyňy gönderdiň! Şondan bärem men bagtsyz! Öňde-soňda bagtsyza kömek edýän bolsaň, garşyňa gidenem bolsam, maňa kömek etde, bagtymy gaýdyp ber! Sen geçirimlisiň! Muny etmek Seniň üçin hiç zatdyr, meniň üçin welin ol örän uly şatlykdyr! Allajan goý, meniň dilegim size ýetsin, günämi agyr görseňizem, siziň ýerdäki wekilleriňiz meniň hasratyma, düşen günüme beletdirler, size hakykaty ýetirerler, şondan soň belki bagtym açylar, berlen ömri ýaşaryn, soň siziň huzuryňyza bararyn, goý, günäliler günäliniň günäsini geçirsinler, kömek etsinler. Men Aýsoltana ýüregimi açaýyn, sizeem ruhubelentligi serpaý beriň!…»

– Jora, başymdan geçen wakalary birin-birin aýdyp bereýin! Sen kanagat etde diňle! Näme etmelidigini soň maslahat ederis! – diýip, Gözel öz hekaýatyna başlady…

Aýsoltan Gözeliň gören horluklaryny diňläp bozuldy, gözüniň okarasy ýaşdan doldy.

– A gyz, bu hasratlary nädip köňlünde saklap bildiň? Nädip? Maňa gürrüň bermeli ekeniň-dä! Waeý, munuň bolşuny! Men seni ýamanja, alyp-ýolup barýan, edepli, tutanýerli hasap edýärdim. Sen asyl nalajedeýin ekeniň! Maslahat berjek ejeň-kakaň ýok, doganyň kömegi degmez! Bilýämiň, bu erkekler seniň ýekeligiňi, arka diräre ýakynyň ýoklugyny bilseler depäňe münjek ahyryn! Wah, wa-heý! Bilýämiň, indi nätmeli? Çalt herekede başlamaly! Men üç-dört günden öýe baryp gaýtjak! Daýymy taparyn, ol Myradyň kakasyny tanaýandyr. Asyl onuň tanamaýany ýok, ony ýanyma alyp Berdi agalara bararyn, ýagdaýy düşündirerin, ýagşy söz ýylany hininden çykar, diýipdirler… Ol agtygynyň

barlygynam bilýän däldir, şeýlemi?
– Bilmedim… Myrat aýtmadyk bolsa… Aý, aramyza goşulyp ýörseň gürrüň eşidäýmeseň! Gyzyň etegine berk bolsun, diýäýmeseler…
– Käýýäbersinler, kakam maňa käýýeýär, daýym käýýeýär, olam käýýär, goýar-da!
Aýsoltanyň durnuksyz häsiýeti bardy, eşiden zadyny ýüregine ýakyn kabul edýärdi, gowy geýinmäni halardy, pul saklamaga duran ýeridi. Ol bir kiçijik zada-da begenip ýa-da aglap bilýärdi, duýgusy örän güýçlidi, örän güýçlidi, ýöne ylalaşyga gelmän duranokdy, käte paýhasly, sowukganly, käte gaharjaňdy. Rahman bilen gatnaşygynda mylaýymdy, käte bolsa bolgusyz zatlar üçinem tersleşýärdi. Gowy ýaşamany, gowy zatlary edinmegi, açyk reňkli geýimleri geýmäni söýýärdi. Onuň bu häsiýetleri häzirki aşpezlik işinde özüniň doly beýanyny tapýardy. Söýgüsine wepalylyk iň bir eý görýän zadydy. Myradyň hereketleri onuň ganyny gyzdyrypdy, aýgytly hereketlere baş urmaga iteläpdi, bir zady ýüregine düwdümi ony ahyrky nokadyna ýetirmän goýanokdy.
Aýsoltan çagalykdan kakasynyň gyzy lakama eýe bolupdy. Sebäbi her bir pursatda özi barada alada edilmegini gowy görýänligi ejesiniň ir ýogalanlygy üçin kakasy ony söýgüsi, mähri, aladasy bilen gurşapdy, ejesiniň diýenini etmez welin kakasy bir zat diýse şony doga edip dakynardy. Durmuşa çykansoň ol kakasynyň söýgüsini, aladasyny Rahmandan gözledi, her bip pursatda özüniň söýülýänligini ýatladyp, hereketleriň bilen düşündirip durmasaň «Sen meni ýadyňdan çykarýaň» diýip, öýkeläp başlady, her bir etjek işini gowy bilip ahyryna çenli tutanýerlilik görkezdi.
Aýsoltanyň iň gowşak ýeri – ýaşlykda bokurdak agyrydan kösenipdi, indem sowuk zat iýdigi bokurdagy galýardy. Saçak üstüniň owadan bezegi işdäsini açaýmasa kän bir iýip barýan zadam ýokdy…
Gözel onuň bu häsiýetine beleet bolup ugransoň, kän bir hödür-kerem hem etmedi. Edäýeýin diýende-de sogan bilen pagta ýagyndan başga zady ýokdy, öz-ä ýaga sogan gowrup iýse-de oňup ýördi.
– Jora, hödür-kerem edip bilmedim – diýip, Gözel özüni aklajak

boldy.
– Hödür keremiňi toýuňda edersiň! – diýip, Aýsoltan jogap berdi.
Şu güne çenli Gözel öz ykbalyna kaýyl bolup hasratyny özi çeken bolsa, indi oňa başga adamlaram goşulyp ugrapdy. Munuň soňunyň näme bilen gutarjagyny Alladan başga bilýän ýokdy…
Romanlar